# Gaýnag suwly gazana düşen nohutlar hakynda hekaýat

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Gaýnag suwly gazana düşen nohutlar hakynda hekaýat Gaýnag suwly gazana düşen nohutlar hakynda hekaýat

Dana kişiñ aýdýan hekaýatyndan,
Many al ýaş ýigit, towakgam senden.

Pikir eýle aklyñ bolsa özüñde,
Nohut bary gaýnap duran gazanda.

Bökýärmişler kä çümüp, kä çakyşyp,
Ine, olañ diýýän sözlerni eşit.

«Hojaýyn, bazardan alañda satyn,
Añmandyrys seniñ beýle niýetiñ.

Maksadyñy gizläp getirdiñ munda,
Heý, rehim-şepagat bolmazmy sende?»

Hojaýyn şeý diýen ol nohutlara,
«Näme, igenýäñiz ýerliksiz ýere?

Her kimiñ bir hili kysmaty bardyr,
Jahana indimi – şoña taýýardyr.

Alyp ene ýeriñ iýmitin, suwun,
Sizem tüýs kemala geldiñiz bu gün.

Daýhan sizi ekdi, bakdy, saklady,
Şu hem – ömrüñiziñ ahyr maksady». Goşgular